# «Türkmenistanyň Konstitusiýasy – ýurdumyzyň hemişelik Bitaraplygynyň hukuk kepili, Döwlet baýdagy – halkara parahatçylygyň nyşany» atly ylmy-amaly maslahat geçirildi

Eziz Diýarymyzda her ýylyň 18-nji maýynda Esasy Kanunymyz bolan Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň we Döwlet baýdagynyň güni agzybirlikde, ruhubelentlikde uly dabaralara beslenip bellenilýär. Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynda Konstitusiýamyzyň kabul edilmegine we Döwlet baýdagymyzyň döredilmegine 33 ýyl dolýar. Ýurdumyzyň Esasy Kanunynyň kabul edilen güni halkymyzyň Garaşsyz, demokratik, hukuk we dünýewi döwleti gurmakdaky asyrlarboýy arzuwynyň hasyl bolan güni hökmünde taryha girendigi guwandyrýar. Şunuň bilen baglylykda, ýurdumyzda  bu goşa baýram bolan Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň we Döwlet baýdagynyň güni giňden toýlanýar.

2025-nji ýylyň 15-nji maýynda Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň, Türkmenistanyň Mejlisiniň, Türkmenistanyň Daşary işler ministrligi, Türkmenistanyň Bilim ministrligi, ýurdumyzyň syýasy partiýalary we jemgyýetçilik birleşikleri bilen bilelikde guramagynda Türkmenistanyň Jemgyýetçilik guramalarynyň merkezinde geçirilen «Türkmenistanyň Konstitusiýasy – ýurdumyzyň hemişelik Bitaraplygynyň hukuk kepili, Döwlet baýdagy – halkara parahatçylygyň nyşany» atly ylmy-amaly maslahat hem bu şanly senä bagyşlandy.

Maslahatyň işine Türkmenistanyň Mejlisiniň deputatlary, Aşgabat şäher halk maslahatynyň agzalary, Türkmenistanyň Demokratik partiýasynyň, jemgyýetçilik guramalarynyň, ykdysadyýetiň dürli pudaklarynyň, köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň wekilleri, alymlar, professor-mugallymlar, şeýle hem talyp ýaşlar gatnaşdylar.

«Türkmenistanyň Konstitusiýasy – ýurdumyzyň hemişelik Bitaraplygynyň hukuk kepili, Döwlet baýdagy – halkara parahatçylygyň nyşany» atly ylmy-amaly maslahatyň açylyş dabarasynda edilen çykyşlarda Türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowyň başlangyçlary hem-de Türkmenistanyň Prezidenti hormatly Serdar Berdimuhamedowyň tagallalary bilen milli kanunçylygyň yzygiderli kämilleşdirilýändigi, adamyň döwletiň hem-de jemgyýetiň iň ýokary gymmatlygy hökmünde ykrar edilmeginiň ata-babalarymyzyň asylly ýörelgelerine laýyk gelýändigi, Konstitusiýamyzda berkidilen adalatlylyk, deňhukuklylyk, adamlaryň hukuklaryny we azatlyklaryny sarpalaýan ýörelgeleriň raýat jemgyýetiniň dabaralanmagyna giň şertleri döredýändigi barada aýratyn nygtadylar.

Maslahatda çykyş edenler Watanymyzyň şöhratly geçmişiniň subutnamasy, häzirki bagtyýar durmuşynyň we beýik geljeginiň kepili bolan Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň we Türkmenistanyň Döwlet baýdagynyň gününiň Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynda aýratyn many-mazmuna beslenýändigini bellediler, şeýle hem Birleşen Milletler Guramasynyň baýdagy bilen bile dostlugyň we abadançylygyň alamaty bolup, belentde parlaýan Türkmenistanyň Döwlet baýdagynyň ornuna uly ähmiýet berildi.

Все права защищены

Şeýle hem maslahatda Türkmenistanyň Konstitusiýasy we Döwlet baýdagy bagtly durmuşyň binýady, geçmiş taryhymyzyň şanşöhraty, şu günümiziň döwletli döwrany, röwşen geljegimiziň nurana ýalkymy bolup dabaralanýan bu iki mukaddeslik esasynda Garaşsyz ýurdumyzyň Bitaraplyk taglymatynyň äleme ýaýylyp, dünýä bileleşiginiň halkymyzyň ynsanperwerlik, dostdoganlyk, parahatçylyk söýüjilik syýasatyny ykrar edýändigi baradaky buýsançly çykyşlara orun berildi.

Maslahatda Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň hem-de Döwlet baýdagynyň gününiň bilelikde bellenmeginiň türkmen halkynyň dostlukly, ynsanperwer we hoşniýetli gatnaşyklaryna bolan üýtgewsiz ygrarlylygyny alamatlandyrýandygy barada bellenip geçildi.



Maslahatyň çäklerinde geçirilen «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly: Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistanyň daşary syýasatyny amala aşyrmagyň konstitusion-hukuk kepillikleri» atly bölümde edilen çykyşlarda Hormatly Prezidentimiziň yzygiderli tagallalary esasynda Garaşsyz, Bitarap Türkmenistan ikitaraplaýyn hem-de köptaraplaýyn görnüşde,

Все права защищены

sebit we halkara guramalarynyň hem-de düzümleriniň çäklerinde geçirýän halkara hyzmatdaşlygy, Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistanyň daşary syýasatyny amala aşyrmagyň konstitusion-hukuk kepillikleri barada durlup geçildi.

Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistanyň daşary syýasatynyň esasy ugurlarynyň biri hökmünde halkara hukugynyň umumy ykrar edilen kadalarynyň ileri tutulmagy, munuň bolsa ilkinji nobatda, adam hukuklarynyň we azatlyklarynyň dabaralanmagy bilen baglanyşyklydygy barada edilen çykyşlarda bellenildi.



«Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy – ykdysady syýasat, halkymyzyň ýaşaýyş-durmuşyny yzygiderli gowulandyrmak ugrunda durmuşa geçirilýän beýik özgertmeler» atly bölümde edilen çykyşlarda Türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň taýsyz tagallalarynyň netijesinde we hormatly Prezidentimiz Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň parasatly ýolbaşçylygynda halkymyzyň abadan we bagtyýar ýaşaýyş-durmuşyny üpjün etmek maksady bilen, amala aşyrylýan giň gerimli işler barada bellenildi.

Все права защищены

Ýurdumyzyň durmuş-ykdysady ösüşiniň ileri tutulýan ugurlaryny, umumy ykrar edilen halkara kadalaryny göz öňünde tutmak bilen geçirilýän özgertmeleri kanunçylyk taýdan üpjün etmek barada alnyp barylýan işler, Bitarap Türkmenistanyň parahatçylyk we ynanyşmak syýasatynyň ykdysady pudagyň ösüşiniň esasyny düzýändigi, özüne çekijiligi we maýa goýum işjeňligi bilen tapawutlanýan ykdysady syýasat barada çykyşlar diňlenildi.




«Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly: ählumumy howpsuzlygy, ynanyşmagy üpjün etmekde Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň halkara başlangyçlarynyň ähmiýeti»  atly bölümde ählumumy howpsuzlygy we ynanyşmagy üpjün etmekde Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň halkara başlangyçlarynyň ähmiýeti barada giňden bellenildi. Dünýä bileleşiginiň Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplyk hukuk  ýagdaýy  üçünji gezek ýörite Kararnamany kabul etmegi ýurdumyzyň daşary syýasatynyň netijeliliginiň aýdyň mysalydyr.

Oňyn Bitaraplyk ýörelgelerine esaslanýan daşary syýasaty yzygiderli durmuşa geçirmek bilen, ýurdumyzyň döwletleriň we halklaryň arasyndaky dostlukly gatnaşyklary, ählumumy

Все права защищены

abadançylygyň bähbitlerine laýyk gelýän netijeli halkara hem-de sebit hyzmatdaşlygyny berkitmek barada alyp barýan işleri, şol sanda parlament diplomatiýasyny ilerletmekde türkmen bitaraplygynyň orny, parlamentara hyzmatdaşlygyny ösdürmek boýunça durmuşa geçirilýän işler barada çykyşlar diňlenildi. Şunda Gahryman Arkadagymyzyň «Ösüş arkaly parahatçylyk», «Dialog – parahatçylygyň kepili» atly filosofiki başlangyçlarynyň, hormatly Prezidentimiziň maksatnamalaýyn esasda ýokary derejede amala aşyrýan işleriniň ýolgörkeziji bolup durýandygy bellenildi.

Maslahatyň ahyrynda oňa gatnaşyjylaryň adyndan Türkmenistanyň Prezidenti hormatly Serdar Berdimuhamedowa Ýüzlenme kabul edildi.

Все права защищены